**2022-nji ýylyň 12-nji noýabrynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň resmi saýty hakynda DÜZGÜNNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň resmi saýty (mundan beýläk – saýt) hakynda Düzgünnama "Kiberhowpsuzlyk hakynda" Türkmenistanyň kanuny, Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda, "Türkmenistanyň döwlet maglumat ulgamlaryndaky maglumaty goramak hakynda" 135-nji Kararynyň talaplaryna, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Sanly ulgam we maglumat howpsuzlygy bölüminiň kiberhowpsuzlyk boýunça meýilnamasyna, "Bilim hakynda" (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda çykaran 2487-nji karary bilen tassyklanan "Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama", şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda işlenip düzüldi.

1.2. Saýt mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda hereket edýär we maglumat beriji ulgamyň möhüm bölegi bolup durýar.

1.3. Saýtyň ýöredilişi Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlaryna we bilim ulgamynyň beýleki kadalaşdyryjy namalaryna, gözükdirijilerine, buýruklaryna, çözgütlerine, görkezmelerine, şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna esaslanýarlar.

1.4. Saýtyň salgysy http://www.tohiagrosenagat.edu.tm/ bolup, ol 95.85.122.214 serwerinde ýerleşýär.

1.5 Tehniki meseleleriň çözülmegine, şeýle hem maglumat ýerleşdirmek, köne maglumatlary pozmak we täzelemek baradaky jogapkär işgär (administrator) Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň (mundan beýläk – mekdep) direktory tarapyndan bellenilýär.

## 2. Düzgünnamada ulanylýan esasy düşünjeler

**Saýt** - doly kesgitlenen semantik ýükli maglumat web çeşmesi. Saýt interaktiw aragatnaşyk maksady bilen maglumatlary ýygnamak, gaýtadan işlemek, taslamak, ýerleşdirmek işini birleşdirýär, mekdebiň işiniň dürli taraplaryny görkezýär;

**Web-çeşme** - belli bir maksatlar üçin işlenip düzülen internetdäki maglumatlaryň (mazmun) we programma üpjünçiligi gurallarynyň jemidir;

**Administrator** - maglumatlary ýerleşdirmek, pozmak we täzelemek üçin jogapkär şahsyýet. Maglumat ýygnamak boýunça ugrukdyryjy. Administratoryň işi mekdebiň öňünde durýan wezipelere laýyklykda amala aşyrylýar we mekdebiň direktorynyň görkezmeleri we buýruklary bilen düzgünleşdirilýär;

**Makala** - anyk maglumatlary görkezýän habar. Makalanyň ady, gysgaça mazmuny we esasy mazmuny bolmaly. Makalalaryň awtorlary makalanyň ähli materiallaryny gysga görnüşde bir bukjada, elektron görnüşinde saýtyň administratoryna geçirýärler.

**Habarlar** - edaranyň içindäki we daşyndaky işde häzirki wakany görkezýän makala. Edaranyň işi bilen baglanyşykly ähli habarlary şertli ýagdaýda press-relizlere (bildirişlere) we post-relizlere bölmek mümkin.

**Bildiriş** - ýetip gelýän waka ýa-da dabara barada iň az maglumaty öz içine alýan press-relizdir. Bildiriş orta hünär okuw mekdebiniň web sahypasynda çap edilmeli ýöne metbugatda çap edilmeli däl.

## 3. Saýtyň maksatlary we meseleleri

**Saýtyň maksatlary:**

- raýatlar, döwlet edaralary, ýerli dolandyryş edaralary, guramalar we jemgyýetçilik birleşikleri üçin maglumat üpjünçiligini durmuşa geçirmek üçin şert döretmekden;
- bilim edaralarynyň maglumat çeşmeleriniň bitewi infrastrukturasynyň döremegine itergi bermekden ybaratdyr.

**Saýtyň meseleleri:**

- mekdebiň bitewi oňyn keşbini döretmek;
- mekdebiň işiniň açyklygyny we işiniň internetde görkezilmegini üpjün etmek;
- pedagogiki tejribe alyşmak we bilim edarasynyň gazananlaryny görkezmek;
- bilim we terbiýe işine gatnaşyjylaryň hemmesi üçin özara täsir etmek üçin şertleri döretmek: ýolbaşçylar, mugallymlar, ene-atalar, mekdebiň sosial hyzmatdaşlary;
- bilimi maglumatlaşdyrmagyň ornuny ýokarlandyrmak;
- mekdebiň işi barada maglumat bermek;
- surat we tekst materiallaryny ýerleşdirmek.

## 4. Saýtyň mazmuny üçin talaplar

4.1. Saýtyň gurluşy ykjam we bilim edarasynyň ileri tutulýan wezipeleri bilen kesgitlenýär.

4.2. Mekdebiň saýty aşakdakylary öz içine alýar:

- mekdebiň döredilen senesi, bilim edarasynyň ýerleşýän ýeri, iş tertibi, aragatnaşyk belgileri we elektron poçta salgylary;
- bilim edarasynyň gurluşy barada maglumaty;

- degişli bilim maksatnamalary, olarda göz öňünde tutulan dersleri, kurslary, dersleri (modullary), dowam etdirilýän bilim maksatnamalary barada maglumaty;

- mugallymlaryň şahsy düzümi, bilim derejesi, käri we iş tejribesi barada maglumaty.

## 5. Mekdebiň saýtynda maglumatlary ýerleşdirmegiň we täzelemegiň tertibi

5.1. Administrator saýtyň mazmuny we täzelenişi boýunça işleriň utgaşdyrylmagyny üpjün edýär, sahypanyň iş ýagdaýyna hemişe gözegçilik edýär.

5.2. Mekdebiň ähli gurluş bölümleri, saýtda ýerleşdirmek üçin maglumat taýýarlamaga gatnaşýar.

5.3. Mekdebiň saýtynyň mazmuny, okuw işine gatnaşyjylar tarapyndan berlen maglumatlaryň esasynda emele gelýär.

5.4. Bölümlerde görkezilen maglumatlar üýtgedilenden 10 iş gününden gijä galman saýtda maglumat täzelenýär.

5.5. Mekdebiň saýtynda ýerleşdirilýän maglumatlara talaplar:

- mekdebiň saýtynda ýerleşdirilen maglumatlarda awtorlyk hukugy bozulmaly däl;

- mekdebiň saýtynda ýerleşdirilen maglumatlarda sögünç sözler bolmaly däl;

- mekdebiň saýtynda ýerleşdirilen maglumatlar şahsyýetleriň we edara görnüşli taraplaryň abraýyny we mertebesini kemsitmeli däl;

- mekdebiň saýtynda ýerleşdirilen maglumatlar döwlet, täjirçilik ýa-da ýörite goralýan beýleki syrlary öz içine almaly däl;

- mekdebiň saýtynda ýerleşdirilen maglumatlar jemgyýetçilik, jyns, etnik we dini ýigrenji öjükdirmek, neşekeşligi wagyz etmek, ekstremist, dini we syýasy ideýalary, konstitusiýa düzgüniniň esaslarynda zorluk we rehimsizlik üýtgeşmelerini öz içine alýan materiallary saklamaly däl;

- mekdebiň saýtynda ýerleşdirilen maglumatlar mugallymçylyk işlerinde hünär etikasyna ters gelmeli däl.

5.6. Maglumatlar saýtda tekst görnüşinde, şeýle hem resmi sahypanyň gurluşyna bolan talaplara laýyklykda resminamalaryň göçürmesi görnüşinde ýerleşdirilýär.

5.7. Saýtda maglumat ýerleşdirilende we täzelenende “Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda” kanunçylygyň talaplarynyň berjaý edilmegi üpjün edilýär.

5.8. Saýtyň işlemegi üçin ulanylýan tehnologiki we programma üpjünçilik gurallary, maglumatlary ýok etmekden, üýtgetmekden we oňa girmekden saklamagy, şeýle hem oňa degişli beýleki bikanun hereketlerden goramaklygy üpjün etmeli.

5.9. Saýtyň işlemegi üçin ulanylýan tehnologiki we programma üpjünçilik gurallary maglumatlary dikeltmegi üpjün edýän ätiýaçlyk serişdä göçürmek ukybyna eýe bolmaly.

5.10. Saýtda  maglumat ýerleşdirmegiň esasy dili türkmen dilidir.

## 6. Saýtda işleýän taraplaryň hukuklary we borçlary

6.1 Mekdebiň direktoryna saýtda ýerleşdirilen degişli bölümler boýunça sahypanyň gurluşyny, işleýşini we mazmunyny ösdürmek barada teklipleri bermäge hukugy bar;

6.2. Mekdebiň direktory saýtyň işleýşi bilen baglanyşykly tabşyrylan işleri ýerine ýetirmek üçin jogapkär adamlary bellemäge borçly;

6.3. Mekdebiň direktorynyň orunbasary administrator, sahypanyň maglumat mazmunyna gatnaşýan mugallymlar tarapyndan borçlarynyň öz wagtynda ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmäge borçly;

6.4 Mekdebiň direktorynyň orunbasary mugallymlary we talyplary saýta ýerleşdirmek üçin gerekli materiallary döretmäge çekmeklige hukugy bar;

6.5. Mekdebiň direktorynyň orunbasary saýta ýerleşdirmek üçin maglumat, usulyýet we beýleki okuw materiallaryny taýýarlamaklyga hukugy bar.

6.6. Mekdebiň direktorynyň orunbasary maglumat, usulyýet we okuw materiallaryny düzmäge we redaktirlemäge borçly;

6.7. Administrator sahypanyň ösüşi we işleýşi bilen gönüden-göni baglanyşykly işleriň ähli görnüşleriniň hil öndürijiligini üpjün etmeli. Täze maglumatlary ýerleşdirmeli, köne maglumatlary arhiwlemeli we ýok etmeli, maglumatyň elýeterliligine gözegçilik etmeli;

6.8. Administrator web-saýta öz wagtynda täze maglumaty ýerleşdirmeli;

6.9. Administrator web-saýtyň arhiwini saklamaly.

## 7. Jemleýji düzgün

Bu Düzgünnama mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanan pursadyndan güýje girýär we ýatyrylýança güýjini ýitirmeýär.